**«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Baky Bitaraplygymyzyň 31 ýyllyk baýramçylygy mynasybetli ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – ykdysady ösüşleriň özeni» atly II halkara internet olimpiadasyny geçirmek hakynda**

**DÜZGÜNNAMA**

## I. Olimpiadany geçirmegiň ähmiýeti

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň gadymdan gelýän hoşniýetlilik, parahatsöýüjilik, ynsanperwerlik häsiýetleri we däpleri döwletimiziň dost-doganlyk ýörelgesiniň esasy ugry bolup durýar. Baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň daşary syýasat strategiýasynda gazanylýan üstünlikleri, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde we umumadamzat ösüşlerine bagly meseleleriň oňyn çözgütlerini tapmakda alyp barýan parahatçylykly ýörelgesi dünýä bileleşigi tarapyndan giň goldawa eýe bolýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda taryhy Kararnamalar biragyzdan kabul edilýär. Halkara derejesinde parahatçylygy üpjün etmek we özara ynanyşmak ýörelgeleri dünýä döwletleriniň arasyndaky köptaraplaýyn gatnaşyklarda parahatçylygyň we ynanyşmagyň pugtalanmagyna özboluşly itergi berýär. Hususan-da, ol durnukly ykdysady ösüşi gazanmak maksady bilen, syýasy gepleşikleri, özara düşünişmegi we halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň esasynda tagallalary jebisleşdirmekde uly ähmiýete eýe bolup durýar.

Milli ykdysadyýetimiziň ösýän döwründe daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmek hem-de ony pugtalandyrmak döwrüň derwaýys meseleleriniň biridir. Şonuň üçin hem dünýä döwletleri bilen ähli ugurlarda, şol sanda ylym-bilim ulgamynda hyzmatdaşlyklaryň ýola goýulmagy hem-de olar bilen bu ugurda içgin pikir alyşmalaryň kämilleşdirilmegi giň gözýetimli, kämil hünärmenleri, Watansöýüji ýaşlary kemala getirmeklige uly itergi berýär.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de dünýäniň abraýly ýokary okuw jaýlarynyň talyplarynyň arasynda ykdysady ugurlar boýunça olimpiadalaryň yzygiderli geçirilmegi ilkinji nobatda ykdysady pikirlenişiň ösmegine we Türkmenistanyň sanly bilim ulgamynda gazanan netijelerini hem-de ýaşlaryň innowasion tehnologiýalary ulanmak boýunça ukyp-başarnyklarynyň kämilleşmegine ýardam edýär.

“Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna” laýyklykda bilim ulgamynda ýokary netijeleri gazanmak, şeýle hem bilimiň hilini yzygiderli kämilleşdirmek maksady bilen ýurdumyzyň we daşary döwletleriň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – ykdysady ösüşleriň özeni» atly II halkara internet olimpiadasynyň geçirilmegi milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösýän döwründe innowasion tehnologiýalary netijeli peýdalanýan we ýüze çykýan ykdysady meseleleri özbaşdak çözmege ukyply zehinli talyp ýaşlary kemala getirmekde möhüm ähmiýete eýe bolar.

## II. Olimpiadany geçirmegiň maksady

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – ykdysady ösüşleriň özeni» atly II halkara internet olimpiadasyny geçirmegiň esasy maksady ýaş nesliň ykdysady düşünjelerini giňeltmekden, olara dünýäde parahatçylygy we özara ynanyşmagy berkitmegiň zerurlygyny düşündirmekden şeýle-de, onuň ykdysady ösüşdäki möhüm ornuny görkezmekden, netijede ýaşlaryň döredijilikli we ykdysady taýdan pikirlenmek ukyplaryny has-da ösdürmekden ybaratdyr.

## III. Olimpiadanyň wezipeleri:

- häzirki zaman bilimlerini we sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly ykdysady meseleleri çözmeklige gyzyklanma döretmek;
- zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň mundan beýläk intellektual ösüşi bilen bagly ukyp-başarnyklarynyň kämilleşmegine amatly şertleri döretmek;
- sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleriniň özara aragatnaşygyny amala aşyrmak.

## IV. Olimpiadanyň geçirilişiniň tertibi

- «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – ykdysady ösüşleriň özeni» atly II halkara internet olimpiadasyna Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde dürli ugurlar boýunça okaýan talyplar gatnaşyp bilerler;
- olimpiadanyň resmi iş dilleri – türkmen, rus, iňlis dilleri;
- olimpiada 2026-njy ýylyň 28-nji noýabrynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň **www.ihba.edu.tm** salgysynda ýerleşýän onlaýn platformasynda geçiriler. Olimpiada gatnaşmak üçin dalaşgärleri hasaba almak hem şu platformanyň üsti bilen 2026-njy ýylyň 24-nji noýabryna çenli amala aşyrylýar;
- Guramaçylyk topary olimpiadanyň geçirilişine Zoom platformasy arkaly onlaýn wideo gözegçiligi amala aşyrýar;
- Guramaçylyk topary tarapyndan gatnaşyjylara bir gezeklik ulanyjynyň ady (login) we gizlin açar sözi (paroly) olimpiada geçirilýän güni gatnaşyjynyň hasaba alnan elektron salgysyna iberilýär.

- Internet olimpiadasynyň ýumuşlary Makroykdysadyýet, Dünýä ykdysadyýeti, Aýlawly ykdysadyýet we Halkara ykdysady gatnaşyklar derslerine degişli soraglardan ybarat bolar.

## V. Olimpiadanyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – ykdysady ösüşleriň özeni» atly II halkara internet olimpiadasyny guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Ol:

- ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – ykdysady ösüşleriň özeni» atly II halkara internet olimpiadasyny geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de olimpiadany guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işleriniň toplumyny ýerine ýetirýär;
- olimpiadany geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri hem-de usulyýet we gözükdiriji gollanmalary taýýarlaýar;
- «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – ykdysady ösüşleriň özeni» atly II halkara internet olimpiadasynyň meselelerini işläp taýýarlamak boýunça işleri alyp barýar;

Olimpiadanyň eminler toparynyň düzümi Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory tarapyndan tassyklanylýar.

## VI. Olimpiadanyň geçirilişine bildirilýän talaplar

- «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak – ykdysady ösüşleriň özeni» atly II halkara internet olimpiadasyna gatnaşýan her bir talyp berilýän ýumuşlary özbaşdak işlemeli;
- olimpiadanyň geçirilýän wagtynda birek-birek bilen gepleşmeklige, dürli serişdelerden peýdalanmaga rugsat berilmeýär;
- ýokardaky düzgünleri berjaý etmeýän talyplar bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.

## VII. Olimpiadanyň netijelerini jemlemek we ýeňijileri sylaglamak

Bäsleşigiň netijeleri boýunça toplanan ballaryň jemi esasynda I, II we III orunlar kesgitlenilýär. Bäsleşigiň ýeňijileri Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory tarapyndan I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanar.